# Aşgabat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aşgabat AŞGABAT

Gujagñy bezeýär al-elwan güller,
Arzyly şäherim, gözel Aşgabat.
Eşretli goýnuñda bagtyýar iller,
Arzuwly şäherim, gözel Aşgabat.

Berkarar döwletde, bagtyýarym sen,
Çar pasly güneşli ajap ýazym sen,
Söýgüden heñ alan hoş owazym sen,
Aşyklar şäheri, gözel Aşgabat.

Bu gün joşup, goşgy ýazýar ýüregim,
Bilseñ, bu dünýäde sensiñ geregim,
Myhmansöýer ili ruhy diregim,
Doganlyk merkezi gözel Aşgabat.

Aziýañ merjeni, merdana ili,
Bossanly gülleýşi jenneti haly,
Arkadagyñ ýoly – bu halkyñ ýoly,
Aýdym sen, gazal sen gözel Aşgabat.

▶ BAGT

Bagt dälmi,
her öýde ýañlansa şatlyk,
Çagalar şatlanyp oýnasa, gülse?!
Bagt dälmi, asuda örlese ilim
Zähmetiñ deregne bereket gelse?!

Bagt dälmi,
ýaryşda bedewi çykan,
Eneler guwansa bala bagtyna?!
Bagt dälmi, halaýyk Howandaryny,
Alkyşlap göterse hormat tagtyna?!

Bagt dälmi,
her ýürek hemaýar tapsa,
Ýüregi nurana Arkadagyndan?!
Bagt dälmi, dünýäde tanalsa iliñ,
Üstüñe nur ýagsa eşret bagyndan?!

Altynaý RAHIMOWA.

#garagum Goşgular